**Türkmenistanyň**
**Adalat ministrligi tarapyndan**
**2024-nji ýylyň 25-nji martynda**
**1780 bellige alyş belgisi bilen**
**döwlet belligine alyndy**

**Türkmenistanyň**
**Maliýe we ykdysadyýet ministriniň**
**2024-nji ýylyň 26-njy fewralyndaky**
**58-iş belgili buýrugy bilen**
**tassyklandy**

# Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirmegiň we olary hasaba almagyň Tertibi

## I bap. Umumy düzgünler

1. Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdelerini hasabyna maliýeleşdirmegiň we olary hasaba almagyň Tertibi (mundan beýläk – Tertip) „Türkmenistanyň býujet sistemasy hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna, “Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň meseleleri hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 5-nji oktýabrynda çykaran 383-nji karary bilen tassyklanan, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi hakynda Düzgünnama hem-de Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işlenip taýýarlanyldy we Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň girdejileriniň we çykdajylarynyň hasabyny alyp barmagyň hem-de onuň serişdeleriniň hasabyna çykdajylary resmileşdirmegiň we maliýeleşdirmegiň tertibini kesgitleýär.

2. Döwlet býujetiniň girdejileriniň hasaba alnyşy Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň (mundan beýläk – Ministrlik) Salgyt müdiriýeti we onuň garamagyndaky salgyt edaralary tarapyndan merkezleşdirilen we ýerli býujetler boýunça, girdejileriň görnüşleri we olary töleýjiler boýunça ýörite elektron programma üpjünçiliginde alnyp barylýar.

3. Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdelerini baş paýlaýjylaryň, paýlaýjylaryň we alyjylaryň (mundan beýläk – býujetden sarp edijiler) çykdajylarynyň hasaba alynmagy we maliýeleşdirilmegi Ministrlik tarapyndan tassyklanan, Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň çykdajylarynyň toparlara bölünişiniň bellenen maddalary boýunça, degişli býujetleriň girdejileriniň we çykdajylarynyň ýyllyk meýilnamasynyň çärýekleýin paýlanyşynda göz öňünde tutulan serişdeleriň çäklerinde (býujetiň ýerine ýetirilişiniň barşynda oňa bellenen tertipde girizilen üýtgetmeleri hasaba almak bilen) we çykdajylaryň her bir görnüşi üçin hereket edýän ölçegleri we bellenen möçberleri hasaba almak bilen Ministrlik we onuň garamagyndaky welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň Baş maliýe we ykdysadyýet müdirlikleri, Arkadag şäheriniň maliýe we ykdysadyýet müdirligi, etrap, etrap hukukly şäher maliýe we ykdysadyýet bölümleri (mundan beýläk – maliýe we ykdysadyýet edaralary) tarapyndan amala aşyrylýar.

4. Býujetden sarp edijileriň çykdajylaryny, olaryň tassyklanan (takyklanan) ýyllyk meýilnamasynyň çärýekleýin paýlanyşynda göz öňünde tutulan serişdeleriň çäklerinde we çykdajylaryň her bir görnüşi üçin hereket edýän ölçegleriň we bellenen möçberleriň çäklerinde hasaba almaklyk, ilkinji nobatda býujetden sarp

edijilerde, soňra degişli maliýe we ykdysadyýet edaralaryň pudaklaýyn bölümleri tarapyndan alnyp barylýar.

5. Býujet sarp edijileriniň hasaplaşyk hasaplary boýunça Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň çykdajylarynyň toparlara bölünişiniň bellenen maddalary boýunça hakyky çykdajylaryny pul görnüşinde hasaba almak degişli maliýe we ykdysadyýet edaralarynyň degişlilikde gazna müdirligi, bölümi, bölümçesi (mundan beýläk – Gazna bölümi) tarapyndan çykdajylary hasaba almak boýunça ýörite elektron programmasy arkaly amala aşyrylýar.

## II bap. Maliýeleşdirmek

6. Türkmenistanyň Döwlet býujeti tassyklanandan soň baş paýlaýjylar özleriniň hasaplaşyk hasaplary açylan maliýe we ykdysadyýet edaralarynyň Gazna bölümlerine her ýylyň ýanwar aýynyň 3-ine çenli şol ýyl üçin bölünip berlen serişdeler barada kepilnamany (şu Tertibe 1-nji goşundy) berýärler.

7. Gazna bölümleri baş paýlaýjylar tarapyndan berlen kepilnama laýyklykda serişdeleri ýörite elektron programma üpjünçiliginde girdejiler görnüşinde hasaba alýarlar.

8. Hasabat ýylynyň dowamynda býujetden sarp edijileri maliýeleşdirmeklik girdejiler görnüşinde hasaba alnan serişdeleriň çäginde (pudaklaýyn we býujet müdirlikleri (bölümleri) tarapyndan girizilen üýtgetmeleri hasaba almak bilen) alnyp barylýar.

9. Merkezleşdirilen býujetden sarp edijiler bolan baş paýlaýjylardan paýlaýjylara, alyjylara ýa-da paýlaýjylardan alyjylara serişdeler býujet tabşyrygy (şu Tertibe 2-nji goşundy) arkaly geçirilýär. Ýerli býujetden sarp edijiler şol bir wagtda baş paýlaýjy we alyjy bolup çykyş edýärler, ýagny ýerli býujetiň serişdeleri býujet tabşyrygy arkaly geçirilmeýär.

10. Býujet tabşyrygy bilen geçirilen serişdeler alyjylar tarapyndan paýlaýja, baş paýlaýja ýa-da paýlaýjy tarapyndan baş paýlaýja býujet tabşyrygy arkaly yzyna gaýtarylyp bilner.

## III bap. Zähmet haky we oňa deňeşdirilen tölegleri resmileşdirmek

11. Býujetden sarp edijileri zähmet haky, kömek pullary, talyp haklary, iş sapary çykdajylary, 62 ýaşan raýatlara berilýän pul sowgady, Halkara zenanlar güni mynasybetli Türkmenistanyň Prezidentiniň adyndan berilýän pul sowgatlary, Türkmenistanyň Prezidentiniň karary boýunça sylaglamak we baýrak bermek bilen baglanyşykly bir gezeklik tölegleri (mundan beýläk – zähmet haky we oňa deňeşdirilen çykdajylar) maliýeleşdirmek üçin olaryň atly hasaplary açylan maliýe we ykdysadyýet edaralarynyň degişli pudaklaýyn müdirliklerine (bölümlerine) töleg möhletinden 3 (üç) iş gün öň ýolbaşçysynyň we baş buhgalteriniň gollary we edaranyň tugraly möhüri bilen tassyklanan aşakdaky resminamalary berýärler:

1) Töleg sanawnamasy – býujetden sarp edijiniň gol çekmäge hukugy bolan ýolbaşçysy we baş buhgalteri (buhgalter, wezipe sanawynda baş buhgalter göz

öňünde tutulmasa) tarapyndan gol çekilen (mundan beýläk - asyl nusga) 1 asyl nusgada;

2) Zähmet haky we oňa deňeşdirilen çykdajylary tölemek üçin hakyky zerur bolan serişdeler barada kepilnama (şu Tertibe 3-nji goşundy) – 3 asyl nusgada;

3) çykdajylary tassyklaýan beýleki resminamalar (pasport, iş sapar şahadatnamasy we ş.m.) – 1 nusgada;

4) tölegleriň her bir görnüşi boýunça töleg tabşyryklary – 2 asyl nusgada we 2 nusgada.

12. Hasaplaşyk töleg sanawnamasy boýunça şu Tertibiň on ikinji böleginde görkezilen çykdajylaryň, olardan alynýan tutumlaryň, şahsy hasaplara geçirilýän we çekler boýunça alynýan serişdeleriň, hökmany pensiýa we hökmany hünär pensiýa ätiýaçlandyrmasyna pensiýa gatançlaryň maksadalaýyklygyna, dogry hasaplanyşyna, dogry we dürs resmileşdirilmegine býujetden sarp edijiniň ýolbaşçysy we baş buhgalteri jogapkärçilik çekýär.

13. Töleg resminamalary gol çekmäge hukugy bolan şahslar tarapyndan gök reňkli saýa galam bilen gol çekilen we býujetden sarp edijiniň möhüri bilen möhürlenen bolmalydyr. Gollar we möhüriň şekili, gazna bölümlerine bellenen görnüşde berlen, resminamalaryň tabşyrylýan döwründe hereket edýän nusgalary bilen gabat gelmelidir. Gollar we möhür anyk görünmelidir, düzedişlere ýol berilmeýär.

## IV bap. Harytlar, işler we hyzmatlar boýunça tölegleri resmileşdirmek

14. Harytlar, işler, hyzmatlar bilen üpjün edijilere tölegleri geçirmek üçin býujetden sarp edijiler şu resminamalary bellenen tertipde taýýarlap gazna bölümine tabşyrýarlar:

1) töleg tabşyryklary – 2 asyl nusgada we 2 nusgada;

2) bellenen tertipde resmileşdirilen hasap-fakturalar, hasaplar, haryt-ulag ýanhatlary, býujetden sarp ediji edaranyň ýolbaşçysynyň "tölege" diýen ýazgysy we goly bilen - 1 asyl nusgada, şunda öňünden töleg geçirilen halatynda üpjün edijiniň hasap-fakturanyň ýokarky sag burçunda “öňünden töleg” diýen ýazgysy, goly we möhüri bolmaly;

3) harytlar (işler, hyzmatlar) kabul edilip alnan halatynda, bellenen tertipde resmileşdirilen özara hasaplaşygy deňeşdirmäniň delilnamasy - 1 asyl nusgada;

4) harytlar (işler, hyzmatlar) kabul edilip alnan halatynda, bellenen tertipde satyjy tarapyndan goýberilendigi we alyjy tarapyndan kabul edilendigi barada harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) kabul ediş-tabşyryş delilnamasy - 1 asyl nusgada ;

5) harytlara (işlere, hyzmatlara) bolan zerurlygyň hasaplamasy (düşündiriş haty), kemçilik delilnamasy ýa-da beýleki esaslandyryjy resminamalary - 1 asyl nusgada;

6) ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslar-hususy telekeçiler tarapyndan:

a) girdeji salgydynyň bellenen ululygynyň tölenendigine şaýatlyk edýän tassyknama- 1 nusgada;

b) bellige alyş şahadatnamasy - 1 nusgada;

7) Türkmenistanda öndürilen önümler, edilen işler we hyzmatlar boýunça - harydyň, (işiň, hyzmatyň) birligi üçin baha hasaplamasy - 1 nusgada. Onda görkezilen her bir çykdajynyň görnüşini ykdysady taýdan esaslandyrýan hasaplamalar we resminamalar soralyp bilner;

8) hyzmat edýän bank tarapyndan barlanan Býujetiň we býujetden daşary serişdeleriniň hasabyna ýerine ýetirilen gurluşyk, durkuny täzelemek, abadanlaşdyrmak we düýpli abatlamak işleriniň möçberleri hem-de olaryň maliýeleşdirilişi barada delilnama (şu Tertibe 4-nji goşundy) – 1 asyl nusgada;

9) Daşary ýurtly potratçylar tarapyndan býujetiň we býujetden daşary serişdeleriniň hasabyna ýerine ýetirilen gurluşyk, durkuny täzelemek, abadanlaşdyrmak we düýpli abatlamak işleriniň möçberleri hem-de olaryň maliýeleşdirilişi barada delilnama (şu Tertibe 5-nji goşundy) – 1 asyl nusgada;

10) degişlilikde Ministrligiň Nyrh syýasaty bölümi ýa-da Müdirlikleriň Nyrh emele getiriş bölümleri tarapyndan berlen ýörite netijenama (býujet we býujetden daşary töleg resminamalary üçin) - 1 nusgada;

11) gündelik abatlamak işleri boýunça bahalandyryş delilnama – 1 asyl nusgada;

12) daşary ýurt potratçylary tarapyndan erkin ýörgünli daşary ýurt pulunda gurluşyk, durkuny täzelemek, abadanlaşdyrmak we düýpli abatlamak işleri amala aşyrylanda, buýrujy we potratçy tarapyndan resmileşdirilen töleg sertifikaty, ýerine ýetirilen işleriň namasy we jemleýji sanaw (zerur halatynda gümrük beýannamasy) – 1 asyl nusgada;

13) harytlary satyn almak, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary etmek barada ylalaşyklaryň ýa-da şertnamalaryň asyl nusgasyndan –1 nusgada;

14) şertnamanyň möçberi býujetden sarp edijiler boýunça üpjün etmeleriň (harytlaryň, işleriň we hyzmatlaryň) çäklendirme pul möçberinden (mundan beýläk- çäklendirme pul möçberi) köp bolan üpjün etmeler boýunça, olaryň görnüşine baglylykda «Döwlet zerurlyklary üçin harytlar bilen üpjün etmek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary etmek boýunça bäsleşikler hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda geçirilen bäsleşigiň netijesi boýunça degişli Bäsleşik toparyň netijenamasy – 1 nusgada;

15) Ministrlikde töleg resminamalaryny barlap bellik etmek üçin Býujetden sarp edijiniň töleg hasaplaşyk resminamasy boýunça netijenama (şu Tertibe 6-njy goşundy);

16) maliýe we ykdysadyýet edaralarynda töleg resminamalaryny barlap bellik etmek üçin Býujetden sarp edijiniň töleg hasaplaşyk resminamasy boýunça netijenama (şu Tertibe 7-nji goşundy);

Bulardan başga-da zerur bolan ýagdaýynda goşmaça resminamalar soralyp bilner.

Tabşyrylan töleg resminamalarynda düzedişleriň bolmagyna ýol berilmeýär.

15. Maliýe we ykdysadyýet edaralaryň degişli hünärmenleri tarapyndan tölege hödürlenen resminamalardaky bahalar barlanylanda, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň, Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynyň maglumatlaryna, “Bahasy tölenilmän elden alnan, eýesiz galan hökmünde we miras almak hukugy boýunça döwlete geçen emlägi, şeýle hem miras almalylar ýok hökmünde gazna geçen emlägi we genji-hazynalary hasaba

almagy, olara nyrh kesmegi, olary saklamagy hem-de ýerlemegi kämilleşdirmek hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2002-nji ýylyň 23-nji awgustynda çykaran 5879-njy karary bilen tassyklanan Bahasy tölenilmän elden alnan, eýesiz galan hökmünde we miras almak hukugy boýunça döwlete geçen emlägi, şeýle hem miras almalylar ýok hökmünde gazna geçen emlägi we genji-hazynalary hasaba almagyň, olara nyrh kesmegiň, olary saklamagyň hem-de ýerlemegiň tertibi hakynda Düzgünnama laýyklykda kesilen nyrhlara, Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrligi we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň «Türkmenaragatnaşyk» agentligi bilen ylalaşylan nyrhnamalara, harydyň gelip çykyş resminamalaryndaky (gümrük beýannamasy, daşary ýurt kärhanalary bilen baglaşylan we Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynda hasaba alnan şertnama) bahalara, önüm öndürijileriň, işleri ýerine ýetirijileriň we hyzmatlary edijileriň esaslandyrylan harajatlary boýunça tassyklan nyrhnamalaryna, geçirilen bäsleşigiň netijenamasynyň bahalaryna esaslanylýar.

16. Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, onuň welaýatlardaky, Aşgabat we Arkadag şäherindäki müdirlikleri (mundan beýläk – Statistika edaralary) her aýda maliýe we ykdysadyýet edaralaryna Ministrlik tarapyndan iberilen sanawa laýyklykda harytlaryň, işleriň we hyzmatlaryň bahasy barada maglumaty berýärler.

17. Maliýe we ykdysadyýet edaralaryň degişli hünärmenleri tarapyndan tölege hödürlenen resminamalardaky bahalar barlanylanda, azyk we oba hojalyk önümleri boýunça bolsa Statistika edaralary tarapyndan degişli maliýe we ykdysadyýet edaralaryna her hepdede berilýän hepdeleýin hem-de her aýda berilýän harytlaryň ortaça bazar bahalary barada maglumatlara esaslanylýar.

18. Ministrligiň Nyrh syýasaty bölümi tarapyndan ylalaşylan nyrhlar barada maglumatlar Ministrligiň Gazna müdirligine, welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň Baş maliýe we ykdysadyýet müdirliklerine hem-de Arkadag şäheriniň maliýe we ykdysadyýet müdirligine (mundan beýläk – Müdirlikler) üç iş gününüň dowamynda resmi taýdan berilmäge degişlidir.

19. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenen üpjün etmeleriň çäklendirme pul möçberinden başlap, Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň, şol sanda býujet guramalarynyň býujetden daşary serişdeleriniň hasabyna döwlete dahylsyz taraplar bilen harytlar, işler we hyzmatlar boýunça şertnamalary baglaşmak:

1) himikatlar, reaktiwler, reagentler, derman serişdeleri, şol sanda weterinariýa derman serişdeleri, lukmançylyk, barlaghana enjamlary bilen üpjün etmek, gurluşyk we durkunyň täzelenmegi, düýpli abatlamak boýunça işler, taslama işleri “Döwlet zerurlyklary üçin harytlar bilen üpjün etmek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary etmek boýunça bäsleşikler hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna;

2) “1)” bentde bellenilmedik harytlar, işler we hyzmatlar boýunça bolsa, “Býujetden sarp edijileriň zerurlyklary üçin harytlar, işler we hyzmatlar bilen üpjün edijileri saýlap almak boýunça bäsleşikleri geçirmegiň tertibi hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2016-njy ýylyň 12-nji fewralynda çykaran 14602-nji karary bilen tassyklanan, Býujetden sarp edijileriň zerurlyklary üçin

harytlar, işler we hyzmatlar bilen üpjün edijileri saýlap almak boýunça bäsleşikleri geçirmegiň tertibine laýyklykda amala aşyrylýar.

20. Býujetden sarp edijiler tarapyndan sarp edilen elektrik energiýa, gaz we suw üçin çykdajylar olary hasaplaýjylaryň (sarp edijileriň tassyklan) görkezijileri boýunça, hasaplaýjylar wagtlaýyn bolmadyk halatynda bolsa, sarp edijiniň iş tertibine laýyklykda şertnama boýunça amala aşyrylýar.

21. Býujetden sarp edijiler - bilim, saglygy goraýyş, durmuş üpjünçiligi, medeniýet edaralary (mundan beýläk - durmuş-medeni ulgamynyň edaralary) alynan azyk önümleri we derman serişdeleri boýunça hasaplaşyklary bir aýyň dowamynda her bir edara boýunça bellenen ölçegleriň we bölünip berlen möçberleriň çäklerinde geçirýärler.

22. Durmuş-medeni ulgamynyň edaralary bilen olary üpjün edijileriň arasynda hasabat aýynyň yzyndan gelýän her aýyň 1-ne çenli azyk önümleriniň, dermanlaryň goýberilendigi we kabul edilendigi barada kabul ediş-tabşyryş delilnamalary düzülýär, oňa durmuş-medeni ulgamynyň edarasynyň we üpjün edijiniň ýolbaşçylary, baş buhgalterleri tarapyndan gol çekilip, möhür bilen tassyklanylýar. Kabul ediş-tabşyryş delilnamalaryň esasynda tutuş etrap, etrap hukukly şäher (mundan beýläk – etrap) boýunça jemleýji sanaw düzülýär hem-de maliýe we ykdysadyýet bölümleri tarapyndan tassyklanýar.

23. Tassyklanan jemleýji sanawlar durmuş-medeni ulgamynyň edarasynyň welaýat dolandyryş edaralaryna iberilýär. Olar öz gezeginde jemleýji sanawlaryň esasynda degişlilikde welaýatlar, Aşgabat we Arkadag şäherleri boýunça jemlenen sanawy düzýärler (şu Tertibe 8-nji goşundy) we beýleki zerur resminamalar bilen bilelikde degişli Müdirlige tabşyrýarlar.

24. Býujetden maliýeleşdirilýän durmuş-medeni ulgamyň edaralarynyň iýmiti boýunça jemlenen sanawlara degişli toparlar boýunça Ministrlik tarapyndan tassyklanan pul ölçegleriniň çäklerinde, goýberilýän azyk önümleriniň görnüşine we bahalaryna laýyklykda, mukdaryny we bahalaryny görkezmek bilen azyk önümleriniň sanawy goşulýar.

25. Azyk önümleriniň belli bir görnüşiniň bolmadyk halatynda onuň beýleki kybapdaş görnüşine çalşyrylmagy bir adama hasaplanan azyk önümleriniň tassyklanan pul ölçegleriniň çäklerinde geçirilýär.

26. Üznüksiz peýdalanylýan hyzmatlar üçin (1160-Aragatnaşyk hyzmatlarynyň tölegleri we 1170-Jemagat hyzmatlarynyň tölegleri) tölegler her çärýegiň ahyryna hakyky ulanylan möçberine görä çärýekde bir gezek geçirilip bilner.

## V bap. Gurluşyk, durkuny täzelemek, abadanlaşdyrmak we düýpli abatlamak işleri boýunça çykdajylary maliýeleşdirmek

27. Ministrlikde Döwlet býujetinden we býujetden daşary serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirilýän merkezleşdirilen düýpli maýa goýumlary, abadanlaşdyrmagy we düýpli abatlamagy maliýeleşdirmek aşakdaky tertipde geçirýär:

1) Döwletiň merkezleşdirilen düýpli maýa goýumlary we abadanlaşdyrmak boýunça – her bir ministrlik, pudaklaýyn dolandyryş edarasy boýunça ýyllyk

bellenen möçberleriň çäklerinde Ministrlik bilen býujet buýrujylary tarapyndan tassyklanan gurluşyklaryň, binalaryň we desgalaryň jikme-jik sanawyna laýyklykda;

2) düýpli abatlamak boýunça – ýyllyk bellenen möçberleriň çäklerinde Ministrlik bilen ylalaşylyp, ministrlik, pudaklaýyn dolandyryş edarasy tarapyndan tassyklanan binalaryň we desgalaryň jikme-jik sanawyna laýyklykda.

28. Gurluşyk, durkuny täzelemek, abadanlaşdyrmak we düýpli abatlmak işleri boýunça gurluşygyň, binanyň we desganyň taslama-çenlik resminama boýunça bahasy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenen möçberden ýokary bolan halatynda, Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň Baş döwlet seljeriş müdirliginiň netijenamasynyň bolmagy hökmandyr.

Taslama-çenlik resminama boýunça bahasy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenen möçberden pes bolan halatynda, düýpli abatlamak we abadanlaşdyrmak işleriniň bahasy taslama institutlary (ygtyýarlandyrylan taslama edaralary) tarapyndan işlenip düzülen bahalandyryş ýazgylary we güwänama esasynda kesgitlenýär.

29. Gurluşyklaryň, binalaryň we desgalaryň tassyklanan jikme-jik sanawyna üýtgetmeler hasabat ýylynyň dowamynda olaryň tassyklanyşy ýaly tertipde girizilýär. Buýrujylar tarapyndan esaslandyrylan ýagdaýynda jikme-jik sanawa bellenen möhletden öň hem düzedişler girizilip bilner. Jikme-jik sanawda göz öňünde tutulan bölünmedik serişdeleriň hasabyna sanawa täze gurluşyklary, binalary we desgalary girizmek olaryň möhümligine baglylykda amala aşyrylýar.

30. Ýerine ýetirilen gurluşyk, durkuny täzelemek, abadanlaşdyrmak we düýpli abatlamak işler boýunça hasabatlary buýrujy ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, häkimlikler tarapyndan hasabat aýyndan soňky aýyň 10-na çenli Ministrlige we maliýeleşdiriji banklara berilýär. Häkimlikler tarapyndan berilýän hasabatlara Müdirlikler hem gol çekýär.

31. Hyzmat edýän banklar döwletiň merkezleşdirilen düýpli maýa goýumlarynyň, abadanlaşdyrmak we düýpli abatlamak üçin serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirilýän binalar, desgalar boýunça gurluşyk-gurnama işleriniň görkezijileýin bahalarynyň çäklerindäki gymmatyny barlaýar hem-de Býujetiň we býujetden daşary serişdeleriniň hasabyna ýerine ýetirilen gurluşyk, durkuny täzelemek, abadanlaşdyrmak we düýpli abatlamak işleri boýunça geçen ýyllarda bergi emele gelen gurluşyklaryň we binalaryň sanawy (şu Tertibe 9-njy goşundy) resmileşdirýärler.

32. Hyzmat edýän banklara döwletiň merkezleşdirilen düýpli maýa goýumlarynyň, abadanlaşdyrmak we düýpli abatlamak işleri üçin serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirilýän binalar, desgalar boýunça gurluşyk-gurnama işleriniň görkezijileýin bahalarynyň çäklerindäki gymmatyny barlamak üçin aşakdaky resminamalar hödürlenilýär:

1) Buýrujy bilen Potratçynyň arasynda baglaşylan şertnamanyň asyl nusgasyndan nusga -1 sany;

2) Taslama-çenlik resminama ýa-da Bahalandyryş delilnamasy we kemçilikler barada nama (tugraly möhür bilen tassyklanan nusga -1 sany);

3) Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň Baş döwlet seljeriş müdirliginiň netijenamasynyň nusgasy;

4) Potratçynyň we Kömekçi potratçynyň işi ýerine ýetirmek hakyndaky ygtyýarnamasynyň nusgasy (kömekçi potratçy işe çekilen bolsa);

5) DG-1 görnüş (asyl nusgasy);

6) DG-2 görnüş (asyl nusgasy);

7) degişliligi boýunça Ministrligiň Nyrh syýasaty bölümi ýa-da Müdirlikleriň Nyrh emele getiriş bölümleri tarapyndan berlen ýörite Netijenamanyň nusgasy;

8) Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenen üpjün etmeleriň çäklendirme pul möçberinden başlap, Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň, şol sanda býujet edaralarynyň býujetden daşary serişdeleriniň üpjün etmeleriň, olaryň görnüşine baglylykda «Döwlet zerurlyklary üçin harytlar bilen üpjün etmek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary etmek boýunça bäsleşikler hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda geçirilen bäsleşigiň netijesi boýunça degişli bäsleşik toparyň netijenamasy – 1 nusgada;

9) Özara hasaplaşyk delilnamasy;

10) Hasap-faktura;

11) Buýrujy tarapyndan her aýyň hasabaty.

33. Döwlet býujetiniň we býujetden daşary serişdeleriniň hasabyna gurluşyk, durkuny täzelemek, düýpli abatlamak, abadanlaşdyrmak we amaly işler boýunça gurluşyk-gurnama işleriniň hakyky ýerine ýetirilen bahasyna degişliligi boýunça Ministrligiň Nyrh syýasaty bölümi ýa-da Müdirlikleriň Nyrh emele getiriş bölümleri netijenama berýär.

34. Döwletiň merkezleşdirilen düýpli maýa goýumlary we maksatlaýyn ýygymlarynyň hasabyna ilatly ýerleriň çägini abadanlaşdyrmak babatdaky jikme-jik sanawlarda göz öňünde tutulan gurluşyklar, binalar we desgalar boýunça her bir bina, desga göz öňünde tutulan ýyllyk maýa goýumlaryň ýa-da serişdeleriň 30 göterimine çenli möçberde hakujy tölegler, soňundan ýerine ýetirilen işleriň hasabyna tutup almak şerti bilen buýrujy tarapyndan potratça geçirilýär. Hakujy tölegler, potratçynyň ýokarda durýan guramasyndan ýa-da karz edarasyndan ýa-da beýleki taraplardan berlen hakujy tölegini yzyna gaýtarmak barada kepillik haty bolan ýagdaýynda (döwlet emlägi girewine goýlup bilinmez) geçirilýär ýa-da degişli maddy gymmatlyklar üçin geçirilýär.

Döwlet býujetinden we býujetden daşary serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirilýän gurluşyklarda buýrujy potratçyny zerur gurluşyk materiallary bilen üpjün edip biler.

35. Döwletiň merkezleşdirilen düýpli maýa goýumlary, durkuny täzelemek, abadanlaşdyrmak we düýpli abatlamak işleri boýunça geçen hasabat ýylynda emele gelen bergileri tölemek Býujetiň we býujetden daşary serişdeleriniň hasabyna ýerine ýetirilen gurluşyk, durkuny täzelemek, abadanlaşdyrmak we düýpli abatlamak işleri boýunça geçen ýyllarada bergi emele gelen gurluşyklaryň we binalaryň sanawyna (şu Tertibe 9-njy goşundy) hem-de Daşary ýurt potratçylar tarapyndan býujetiň we býujetden daşary serişdeleriniň hasabyna ýerine ýetirilen gurluşyk, durkuny täzelemek, abadanlaşdyrmak we düýpli abatlamak işleri boýunça geçen ýyllarada bergi emele gelen gurluşyklaryň we binalaryň sanawyna

(şu Tertibe 10-njy goşundy) laýyklykda resmileşdirilen sanaw esasynda amala aşyrylýar.

36. Hojalyk hasaplaşygy şertinde saklanýan işgärleri ulanmazdan, döwlet býujetinden maliýeleşdirilýän ýa-da subsidiýalary alýan edaralar tarapyndan hojalyk usulynda gurluşyk, durkuny täzelemek, abadanlaşdyrmak we düýpli abatlamak boýunça işler ýerine ýetirilende, DG-2-den iş haky we gurluşyk maşynlaryny we mehanizmlerini ulanmak boýunça çykdajylar aýrylýar.

37. Buýrujy tarapyndan potratça berlen we ýerine ýetirilen işleriň möçberine goşulan gurluşyk materiallarynyň bahasyny ýerine ýetirilen işleriň umumy bahasyndan tutulyp alynmagyna buýrujy gözegçilik edýär we bellenen tertipde jogapkärçilik çekýär.

## VI bap. Welaýatlaryň, Aşgabat we Arkadag şäherleriniň häkimliklerine bölünip berlen merkezleşdirilen düýpli maýa goýum serişdeleriniň hasabyna ýerine ýetirilen işleri maliýeleşdirmek

38. Döwletiň merkezleşdirilen düýpli maýa goýumlary boýunça welaýatlaryň, Aşgabat we Arkadag şäherleriniň häkimlikleri (mundan beýläk – Häkimlikler) ýyllyk bellenilen meýilnamanyň çäklerinde Ministrlik bilen bilelikde, hasabat ýylyň 1-nji fewralyna çenli gurluşyklaryň, binalaryň we desgalaryň jikme-jik sanawyny tassyklaýar. Jikme-jik sanawda desgalar we binalar boýunça ýyllyk maýa goýumlaryň möçberi gurluşygyň möhletine laýyklykda deň ölçegde hasaplamak arkaly goýulýar. Häkimlikler tarapyndan jikme-jik sanawda göz öňünde tutulan desgalar we binalar boýunça ýyllyk maýa goýumlaryň möçberi her aýda ýerine ýetirilen işleriň möçberine görä zerurlygyna laýyklykda aýlyk hasabatynda üýtgedilip biliner.

39. Gurluşyklaryň, binalaryň we desgalaryň tassyklanan jikme-jik sanawyna täze desgalaryň we binalaryň goşulmagynyň zerurlygy ýüze çykanda, goşulmalar Ministrlik bilen ylalaşylyp, amala aşyrylýar we şunda Häkimlikler tarapyndan hasabatda desgalar we binalar boýunça maýa goýumlaryň üýtgedilen möçberi hasaba alynýar.

40. Buýrujylar tarapyndan esaslandyrylan ýagdaýynda jikme-jik sanawa ýylyň dowamynda bellenen taslamalar boýunça jikme-jik sanawda göz öňünde tutulan bölünmedik serişdeleriň hasabyna täze gurluşyklary, binalary we desgalary girizmek olaryň möhümligine baglylykda amala aşyrylýar.

41. Döwletiň merkezleşdirilen düýpli maýa goýumlary babatdaky jikme-jik sanawlarda göz öňünde tutulan gurluşyklar, binalar we desgalar boýunça her bir bina, desga üçin göz öňünde tutulan maýa goýumlaryň ýyllyk meýilnamasynyň serişdelerinden bellenilen tertipde 30 göterime çenli möçberde hakujy tölegler, soňundan ýerine ýetirilen işleriň hasabyna her aýda tutup almak şerti bilen buýrujy tarapyndan potratça geçirilýär.

42. Hakujy tölegler potratçynyň ýokarda durýan guramasyndan ýa-da bank edarasyndan we beýleki taraplardan berlen hakujy tölegini yzyna gaýtarmak barada kepillik haty bolan ýagdaýynda (döwlet emlägi girewine goýlup bilinmez) geçirilýär ýa-da degişli maddy gymmatlyklar üçin geçirilýär.

43. Häkimlikleriň Düýpli gurluşyk müdirlikleri hem-de Aşgabat şäheriniň Aýratyn möhüm desgalar boýunça müdirligi, etrap Düýpli gurluşyk bölümleri (mundan beýläk - Düýpli gurluşyk müdirlikleri we bölümleri) jikme-jik sanawda göz öňünde tutulan desgalarda şol sanawda göz öňünde tutulan potratçylar tarapyndan hasabat aýynda ýerine ýetirilen işler boyunça hasabat aýynyň 25-ne çenli bellenilen tertipde tassyklaýjy resminamalaryny kabul edýär we resminamalary barlaýar. Häkimlikleriň Düýpli gurluşyk müdirlikleri hasabat aýyndan soňky aýyň 1-ne çenli Döwlet býujetinden we býujetden daşary serişdelerinden maliýeleşdirilýän düýpli maýa goýumlaryň hasabyna 20__ ýylyň ýanwar - ______________ aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň möçberleri hem-de olaryň maliýeleşdirilişi barada hasabaty (şu Tertibe 11-nji goşundy) jemleýärler we Ministrlige tabşyrýarlar.

44. Düýpli gurluşyk müdirlikleri we bölümleri tarapyndan barlanan resminamalar esasynda Býujetiň we býujetden daşary serişdeleriniň hasabyna ýerine ýetirilen gurluşyk, durkuny täzelemek, abadanlaşdyrmak we düýpli abatlamak işleriniň möçberleri hem-de olaryň maliýeleşdirilişi barada delilnama (şu Tertibe 4-nji goşundy) hem-de Daşary ýurtly potratçylar tarapyndan Býujetiň we býujetden daşary serişdeleriniň hasabyna ýerine ýetirilen gurluşyk, durkuny täzelemek, abadanlaşdyrmak we düýpli abatlamak işleriniň möçberleri hem-de olaryň maliýeleşdirilişi barada delilnama (şu Tertibe 5-nji goşundy) düzülýär. Delilnama degişlilikde Häkimlikleriň we Düýpli gurluşyk müdirlikleriniň we bölümleriniň başlyklarynyň gollary hem-de möhüri bilen tassyklanylýar.

45. Düýpli gurluşyk müdürlikleri Delilnamany hasabat aýynyň soňky aýyň 1-ne çenli gurluşyk-gurnama işleriniň görkezijileýin bahalarynyň çäklerindäki gymmatyny barlamak üçin hyzmat edýän banklara tabşyrýar.

46. Maliýeleşdiriji banklar döwletiň merkezleşdirilen düýpli maýa goýumlarynyň hasabyna maliýeleşdirilýän binalar, desgalar boýunça şu Tertibiň 4-nji ýa-da 5-nji goşundylara laýyklykda Delilnamada görkezilen gurluşyk-gurnama işleriniň görkezijileýin bahalarynyň çäklerindäki gymmatyny 5 (bäş) iş gününiň dowamynda barlaýar hem-de delilnama gol we möhür bilen tassyklanylyp, Düýpli gurluşyk müdirliklerine we bölümlerine gaýtarýar.

47. Düýpli gurluşyk müdirlikleri we bölümleri gurluşyk-gurnama işleriniň tassyklanan jikme-jik sanawa laýyklygyny barlamak üçin Delilnamany 1 (bir) iş gününiň dowamynda Müdirliklere tabşyrýar.

48. Müdirlikler döwletiň merkezleşdirilen düýpli maýa goýumlarynyň hasabyna maliýeleşdirilýän binalar, desgalar boýunça delilnamada görkezilen gurluşyk-gurnama işleriniň tassyklanan jikme-jik sanawa laýyklygyny 1 (bir) iş gününiň dowamynda barlaýar hem-de Delilnama gol we möhür goýup Düýpli gurluşyk müdirliklerine we bölümlerine gaýtarýar.

49. Düýpli gurluşyk müdürlikleri ýerine ýetirilen işler boýunça Delilnamada tölege hödürlenýän işleriň doly töleg resminamalaryny hem-de töleg üçin düzülen Delilnamany we Häkimler tarapyndan gol we möhür goýulan töleg tabşyrygy bilen 1 iş gününiň dowamynda Müdirlige tabşyrýar.

50. Müdirlikler 6 (alty) iş gününiň dowamynda ýerine ýetirilen işleriň töleg reminamalaryny barlaýarlar. Soňra resminamalar esasynda Delilnamany we töleg

tabşyrygyny barlaýarlar hem-de tölegleri geçirmäge serişde bölüp bermek üçin 1 (bir) iş gününiň dowamynda Ministrlige hat bilen ýüzlenýärler.

51. Ministrlik tarapyndan berlen rugsada laýyklykda Müdirlikler bellenen möçberde serişdeleri Düýpli gurluşyk müdirlikleriniň we bölümleriniň degişli hyzmat ediji banklarda açylan ýörite maksatlaýyn hasabyna geçirýärler.

52. Düýpli gurluşyk müdirlikleri we bölümleri Döwlet buýrujysynyň beren töleg tabşyryklary we Delilnama esasynda 1 (bir) iş gününiň dowamynda ýerine ýetirilen işler üçin potratçylar bilen hasaplaşyk töleg amallaryny geçirýärler.

53. Düýpli gurluşyk müdürlikleri tarapyndan hasabat aýynyň soňky aýyň 1-ne çenli gurluşyk we durkuny täzelemek işler boýunça gurluşyk-gurnama işleriniň hakyky bahasyny barlamak üçin degişli resminamalar degişliligi boýunça Ministrligiň Nyrh syýasaty bölümine ýa-da Müdirlikleriň Nyrh emele getiriş bölümlerine tabşyrylýar.

54. Ministrligiň Nyrh syýasaty bölümi ýa-da Müdirlikleriň Nyrh emele getiriş bölümleri tarapyndan bellenen tertibe laýyklykda Netijenamany hasabat aýynyň soňky aýyň 20-ne çenli Düýpli gurluşyk müdürliklerine berilýär.

55. Döwletiň merkezleşdirilen düýpli maýa goýumlary boýunça geçen hasabat ýylynda emele gelen bergileri tölemek şu Tertibe 9-njy we 10-njy goşundylara laýyklykda, hasabat ýylyndan soňky ýylyň 1-nji apreline çenli resmileşdirilen sanaw boýunça düzülen umumy Delilnama esasynda amala aşyrylýar.

56. Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrligi, degişliligi boýunça Ministrligiň Nyrh syýasaty bölümi hem-de Müdirlikleriň Nyrh emele getiriş bölümleri merkezleşdirilen döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýän binalaryň we desgalaryň gurluşyk-gurnama işleriniň möçberleri boýunça hasaplanylýan nyrhlara we bahalara wezipe borçlaryna laýyklykda hemişe kadalaşdyryş we gözegçilik işlerini amala aşyrýarlar.

57. Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýan gurluşyk we durkuny täzelemek işlerinde eýeçiligine garamazdan potratçylar bilen baglaşylýan şertnamalarda azyndan bir ýyl (ýaşaýyş jaýlar üçin iki ýyl) kepillik möhleti hem-de ol tamamlanadan soňra tölenilmäge degişli kepillik tölegi göz öňünde tutulmalydyr. Onuň möçberi potratçy tarapyndan ýerine ýetirilen işleriň (goşulan baha üçin salgydy hasaba almazdan) 5 göteriminden ybaratdyr.

58. Kepillik tölegi her aýda ýerine ýetirilen işlerden tutulyp alynmaga degişlidir. Onuň tutulyp alynmagyna gözegçilik etmek we jogapkärçilik Döwlet býujetiniň serişdelerini baş paýlaýjylaryň ýolbaşçylarynyň üstüne ýüklenýär.

59. Kepillik tölegi bina we desga ulanmaga berlip, Döwlet kabul ediş toparynyň tamamlanan desgany kabul etmegiň we ony ulanşa girizmegiň Delilnamasy tassyklanandan soňra azyndan bir ýyl (ýaşaýyş jaýlar üçin iki ýyl) kepillik möhletinden soň tölege hödürlenýär.

## VII bap. Döwlet tarapyndan subsidiýa berilýän kärhanalaryň çykdajylaryny maliýeleşdirmek

60. Döwlet tarapyndan subsidiýa berilýän kärhanalar tarapyndan önümler, harytlar, işler we hyzmatlar döwlet tarapyndan düzgünleşdirilen bahalar (tarifler)

boýunça ýerlenende ýüze çykýan ýitgiler döwlet býujetinde göz öňünde tutulan subsidiýalaryň tassyklanan ýyllyk möçberiniň çäginde maliýeleşdirilýär.

61. Döwlet tarapyndan subsidiýa berilýän kärhanalaryň girdejiler we çykdajylar sanawy olar tarapyndan tassyklanyp, bellenen tertipde Müdirlikler bilen ylalaşylýar.

62. Döwlet tarapyndan subsidiýa berilýän kärhanalar tarapyndan işleri ýerine ýetirmekden, hyzmatlary etmekden alynan girdejiler olaryň 23105 belgili býujetden daşary hasabyna gelip gowuşýar. Bu hasapdan kärhanalaryň işgärleriniň diňe şu Tertibiň on ikinji böleginde görkezilen we hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasyna gatançlaryny maliýeleşdirmeklige ýol berilýär, beýleki çykdajylary degişli býujetleriň serişdeleriniň hasabyna 23101 ýa-da 23103 belgili hasaplardan maliýeleşdirilýär (peýdaly işleýän kärhanalary hasaba almazdan).

63. Döwlet tarapyndan subsidiýa berilýän kärhanalaryň işleri ýerine ýetirmekden, hyzmatlary etmekden alynan girdejileriniň 23105 belgili býujetden daşary hasabyna gelip gowuşmagyna, şol kärhanalaryň ýolbaşçylary jogapkärçilik çekýärler.

## VIII bap. Atly hasaplary Müdirliklerde hem-de maliýe we ykdysadyýet bölümlerinde açylan býujetden sarp edijileriň töleglerini geçirmek

64. Atly hasaplary Müdirliklerde hem-de maliýe we ykdysadyýet bölümlerinde (mundan beýläk – Bölüm) açylan merkezleşdirilen býujetden maliýeleşdirilýän býujetden sarp edijileriň aşakdaky maddalar boýunça geçirilmäge degişli hasaplaşyk töleg resminamalary, býujet serişdelerini baş paýlaýjylar tarapyndan resmilişdirilip Ministrlige tabşyrylýar:

1) 2400 – Esasy gaznalara düýpli maýa goýumlary;

2) 2700 – Ýurduň içindäki düýpli geçirmeler;

3) 1184 – Beýleki gündelik çykdajylar - diňe Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi boýunça – 0824 – Teatrlary, filarmoniýalary, sazçylyk kollektiwlerini, ansambllary we sungat boýunça beýleki çäreleri maliýeleşdirmek;

Türkmenistanyň Goranmak ministrligi, Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugy, Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministrligi, Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi boýunça: 1130 – Üpjünçilik serişdelerini we çykdajy enjamlaryny satyn almak; 1190 – Goranmak we içeri işler edaralarynyň beýleki gündelik çykdajylary.

Beýleki ähli maddalar boýunça tölegler Müdirliklerde geçirilýär ýa-da Baş paýlajylar tarapyndan alyjylaryň resminamalarynyň esasynda jemlenip merkezleşdirilen tertipde Ministrlikde geçirilip bilner.

65. Atly hasaplary Bölümlerde açylan ýerli býujetden sarp edijileriň:

1160-Aragatnaşyk hyzmatlarynyň tölegleri;

1170-Jemagat hyzmatlarynyň tölegleri;

maddalar boýunça maliýeleşdirilýän hasaplaşyk töleg resminamalary Bölümler tarapyndan geçirilýär ýa-da býujetden sarp edijileriň welaýat müdirlikleri tarapyndan merkezleşdirilen tertipde Müdirliklerde geçirilip bilner. Beýleki maddalar boýunça tölegler degişliligi boýunça Müdirliklerde ýa-da Ministrlikde geçirilmäge degişlidir.

66. Bölümlerde bellenen tertipde gözegçilikden geçirilip, banka iberilmäge taýýarlanan hasaplaşyk töleg resminamalary tölemekligi ylalaşmak üçin Bölümler Tölegleri tölemek üçin ýüztutmany (şu Tertibe – 12-nji goşundy) (mundan beýläk – Ýüztutma) resmileşdirýärler hem-de PDF formatda içki korporatiw elektron resminama dolanşyk tory arkaly Müdirlige iberýärler.

67. Bölümler tarapyndan iberilen ýüztutmalar boýunça tölegleri geçirmek maksadalaýyk hasaplanan halatynda Müdirlik tarapyndan jemlenen görnüşde Ýüztutma resmileşdirilýär hem-de Ministrlik bilen ylalaşmak üçin PDF formatly faýl döredilip, içki korporatiw elektron resminama dolanşyk tory arkaly Ministrlige iberilýär. Tölegler maksadalaýyk hasaplanmadyk halatynda Ýüztutma Bölümlere yzyna gaýtarylýar.

68. Atly hasaplary Müdirlikde açylan býujetden sarp edijileriň hasaplaşyk töleg resminamalary bellenen tertipde tölege taýýarlanylandan soňra, olary tölemekligi ylalaşmak üçin Ýüztutma resmileşdirýärler hem-de PDF formatly faýl döredilip, içki korporatiw elektron resminama dolanşyk tory arkaly Ministrlige iberilýär.

69. Ministrlik geçirilýän tölegler boýunça belligi bolmadyk hem-de döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişi bilen baglylykda we serişdeleriň ýeterlik bolan halatynda olaryň geçirilmegine garşy däldigi barada Müdirliklere hat iberýär. Öz gezeginde Müdirlikler rugsat hatyny degişli Bölümlere berýärler.

70. Ýerli býujetleriň bank hasaplarynda serişdeler ýetmezçilik eden halatynda olara Ministrlik tarapyndan merkezleşdirilen býujetiň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirme geçirilýär.

71. Atly hasaplary Müdirliklerde we Bölümlerde açylan ýerli býujetden sarp edijileriň Ministrlikde geçirilmäge degişli töleg hasaplaşyk resminamalary Müdirlikler tarapyndan bellenen tertipde gözegçilikden geçirilenden soňra degişli netijenama bilen bilelikde hem-de töleg tabşyryklaryna Müdirlikleriň gol çekmäge ygtyýarly ýolbaşçylary tarapyndan gol çekilip, möhür basylyp Ministrlige iberilýär. Olara şu maddalar degişlidir:

1134 – Enjamlar we esbaplar;

1135 – Ýumşak esbaplar we egin-eşikler;

1313 – Kärhanalaryň we guramalaryň harytlar satylanda (hyzmatlar edilende) ýüze çykýan ýitgileri möçberi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenen üpjün etmeleriň çäklendirme pul möçberinden ýokary geçýän maddy gymmatlyklary, enjamlary satyn almak boýunça tölegleri.

72. Ýerli býujetden sarp edijileriň Ministrlik tarapyndan geçirilen tölegleri boýunça, tölegler bankdan geçirilenden soňra bank göçürmesiniň we töleg tabşyryklarynyň esasynda Ministrligiň Gazna müdirliginiň jogapkär işgäri tarapyndan gündelik sanaw taýýarlanylýar we möhürçe basylyp içki korporatiw elektron resminama dolanşyk tory arkaly degişli Müdirlige iberilýär. Şol töleglerden atly hasaplary Bölümlerde açylan ýerli býujetden sarp edijiler boýunça Müdirlikleriň Gazna bölümleri tarapyndan sanaw taýýarlanyp, möhürçe basylyp içki korporatiw elektron resminama dolanşyk tory arkaly degişli Bölümlere iberilýär.

73. Atly hasaplary Bölümlerde açylan we Müdirliklerde geçirilmäge degişli töleg hasaplaşyk resminamalary Bölümlerde barlanyp netijenama we töleg tabşyrygyna gol çekilip, möhür basylyp Müdirlige tabşyrylýar.

74. Müdirliklerde geçirilen tölegler boýunça, tölegler bankdan geçirilenden soňra bank göçürmesiniň we töleg tabşyryklarynyň esasynda Gazna bölümleriniň jogapkär işgäri tarapyndan Bölümler boýunça tölegleriň gündelik sanawy taýýarlanylýar we möhürçe basylyp içki korporatiw elektron resminama dolanşyk tory arkaly olara iberilýär.

## IX bap. Bank ulgamynyň üstünden tölegleri geçirmek

75. Tölege hödürlenen resminamalar boýunça bellikler bolmadyk halatynda, maliýe we ykdysadyýet edaralaryň töleg resminamalaryna gol çekmäge hukugy bolan işgärleri tarapyndan töleg tabşyrygyna gol çekilýär we möhür goýulýar hem-de töleg tabşyrygyna Gazna müdirligi (bölümi) tarapyndan seneli möhürçe goýulýar. Töleg tabşyryklarynyň hereket edýän möhletleri seneli möhürçe goýlan seneden bellenilýär.

76. Soňra töleg tabşyryklarynyň 3 sany nusgasy (1 sany golly we 2 sany golsuz) bank ulgamynyň üsti bilen töleg geçirmek üçin hyzmat edýän banka ugradylýar.

77. Banklar tölegleri diňe degişli maliýe we ykdysadyýet edarasynyň gollary we möhüri bolan halatynda geçirýärler.

78. Kabul edilen, emma bank tarapyndan ol ýa-da beýleki sebäplere görä ýerine ýetirilmedik töleg tabşyryklary yzyna gaýtarylanda, onuň birinji nusgasynyň arka tarapynda bank yzyna gaýtarylmagynyň sebäbini görkezýär, sene goýýar, jogapkär ýerine ýetiriji gol çekýär we möhürçe basylýar.

79. Bank töleg resminamalaryny kabul etmegi Gazna bölümi tarapyndan düzülen töleg tabşyryklarynyň sanawynyň esasynda doldurulyşyny, gollaryny, möhürini barlanyndan soňra amaly ýerine ýetirmäge kabul edýär. Sanaw töleg tabşyryklaryna laýyk gelen halatynda, bankyň jogapkär işgäri sanawyň ikinji nusgasynda kabul edilen senesini goýýar, gol çekýär hem-de möhürçesini basýar we Gazna bölümine gaýtarýar. Jogapkär ýerine ýetirijiniň goly çekilip we resminamalaryň kabul edilen senesi görkezilip resmileşdirilen birinji nusga bankda galýar.

80. Bankyň üsti bilen töleg geçirilenden soň töleg tabşyrygynyň 1-nji nusgasy töleýjiniň bankynda galýar. Şunda, 2-nji we 3-nji nusgalary tölegiň tölenendigi barada bankyň belligi bilen Gazna bölümine gaýtarylýar, 2-nji nusga Gazna bölüminde galýar we tölegiň geçirilendigini tassyklaýan resminama bolup hyzmat edýär, 3-nji nusgasy bolsa býujetden sarp ediji töleýjä berilýär. Töleg tabşyrygynyň bank hasaby boýunça geçirilen güni töleg geçirildi hasap edilýär.

81. Býujetden sarp edijileriň Merkezleşdirilen býujetiň serişdeleriniň hasabyna Ministrlikde maliýeleşdirilýän tölegleri elektron töleg ulgamy arkaly ýörite programma üpjünçiliginiň üsti bilen geçirilýär.

82. Býujetden sarp edijileriň Ministrligiň 23101 belgili hasabyndan maliýeleşdirilmäge degişli töleg hasaplaşyk resminamalaryny geçirmek, bellenen tertipde pudaklaýyn müdirlikler (bölümler) tarapyndan gözegçilikden geçirilip

maksadalaýyk hasaplanylandan soňra, Gazna müdirligi tarapyndan elektron töleg ulgamy arkaly amala aşyrylýar.

83. Elektron töleg ulgamy arkaly geçirilýän hasaplaşyk töleg resminamlaryna Ministrligiň degişli ýolbaşçysy - Gaznanyň başlygy tarapyndan gol çekilmeýär we ministrligiň tugraly möhüri basylmaýar. Olar boýunça umumy sanaw düzülip, onuň her bir sahypasyna Ministrligiň degişli ýolbaşçysy - Gaznanyň başlygy tarapyndan gol çekilýär we möhürlenilýär.

84. Töleg geçirilenden soň töleg tabşyrygynyň bir nusgasy Gazna müdirliginiň Býujet amallary bölüminiň degişli hünärmeni tarapyndan möhürlenýär (möhürçäniň ýüzünde san belgileri goýulan) we býujetden sarp ediji töleýjä berilýär.

## X bap. Döwlet býujetiniň girdejilerini we çykdajylaryny hasaba almak we hasabatlylyk

85. Döwlet býujetiniň girdejileriniň we çykdajylarynyň hasaby:

Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan Ministrligiň merkezleşdirilen býujetiň serişdeleri boýunça 23101 belgili, býujetden daşary serişdeler boýunça 23104 belgili we subsidiýa alýan kärhanalaryň serişdelerini hasaba almak boýunça 23105 belgili hem-de Türkmenistanyň “Türkmenistan” döwlet täjirçilik bankynda açylan ýerli býujetleriň serişdeleri boýunça 23103 belgili hem-de özara hasaplaşyklary geçirmek boýunça 19105 we 28105 belgili bank hasaplarynda;

Müdirlikleriň degişlilikde Türkmenistanyň “Türkmenistan” döwlet täjirçilik bankynda we onuň welaýat şahamçalarynda açylan merkezleşdirilen býujetiň girdejileri we çykdajylary boýunça dürli iki sany 23101 belgili, ýerli býujetleriň serişdeleri boýunça bir sany 23103 belgili, býujetden daşary serişdeler boýunça bir sany 23104 belgili, subsidiýa alýan kärhanalaryň serişdelerini hasaba almak boýunça bir sany 23105 belgili hem-de özara hasaplaşyklary geçirmek boýunça bir sany 19105 we bir sany 28105 belgili bank hasaplarynda;

Bölümleriň Türkmenistanyň “Türkmenistan” döwlet täjirçilik bankynyň şahamçalarynda, onuň şahamçalarynyň bolmadyk etraplarynda bolsa, Türkmenistanyň “Daýhanbank” döwlet täjirçilik bankynyň ýa-da beýleki degişli karz edaralaryň şahamçalarynda açylan merkezleşdirilen býujetiň girdejileri we çykdajylary boýunça dürli iki sany 23101 belgili, ýerli býujetleriň serişdeleri boýunça bir sany 23103 belgili, býujetden daşary serişdeler boýunça bir sany 23104 belgili, subsidiýa alýan kärhanalaryň serişdelerini hasaba almak boýunça bir sany 23105 belgili hem-de özara hasaplaşyklary geçirmek boýunça bir sany 19105 we bir sany 28105 belgili bank hasaplarynda alnyp barylýar.

86. Şu Tertibiň segsen bäşinji böleginde görkezilen hasaplardan çykdajylar diňe degişli maliýe we ykdysadyýet edarasynyň bellenen tertipde resmilleşdirilen (gol çekilip, möhürlenen) töleg tabşyryklary esasynda amala aşyrylýar.

87. Maliýe ýylynyň döwlet býujeti ýerine ýetirilende Müdirlikleriň we Bölümleriň girdejiler boýunça 23101 belgili hasaplarynyň günüň ahyryna galyndysy, indiki iş gününden gijä galman, hyzmat ediji banklar tarapyndan Ministrligiň 23101 belgili hasabyna geçirilmelidir. Degişli karz edaralarynda her aýyň 1-i ýagdaýyna görä bu hasaplaryň galyndysy 0 (nola) deň bolmalydyr.

88. Müdirlikleriň çykdajylar boýunça 23101 belgili hasaplaryna maliýeleşdirme Ministrlik tarapyndan Müdirlikleriň içki korporatiw elektron resminama dolanşyk tory arkaly iberen Bölümler boýunça ýüztutmalaryna görä amala aşyrylýar. Maliýeleşdirmeler merkezleşdirilen býujetiň serişdeleriniň ýeterligine görä aýlyk, gündelik möçberlerde hem-de maliýe ýylynyň döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişine görä bölekleýin geçirilýär. Her aýyň soňky iş güni çykdajylar boýunça 23101 belgili hasaplaryndaky ulanylman galan serişdeler Bölümler we Müdirlikler tarapyndan maliýeleşdirmäniň gaýtarylmagy görnüşinde degişlilikde Müdirligiň we Ministrligiň çykdajylar boýunça 23101 belgili bank hasabyna geçirilmelidir.

89. Merkezleşdirilen býujetden, ýagny 23101 belgili hasapdan ýerli býujetlere, ýagny 23103 belgili hasaplara maliýeleşdirmeleriň diňe Ministrlik tarapyndan geçirilmegine ýol berilýär. 23103 belgili hasaplardan Ministrligiň 23101 belgili hasabyna maliýeleşdirmeleriň gaýtarylmagy amala aşyrylyp bilner.

90. Býujetden sarp edijileriň daşary ýurt pulundaky çykdajylary Türkmenistanyň Merkezi bankynyň bellän hümmeti boýunça maliýe we ykdysadyýet edaralary tarapyndan manatda 23901 belgili bank hasabyna geçirilýär. Daşary pulunyň hümmetiniň üýtgemegi bilen baglylykda, onuň öwürlen möçberi geçirilmäge degişli möçbere ýetmedik halatynda 23901 belgili bank hasabyna goşmaça manat serişdeleri geçirilmelidir.

91. Her maliýe ýylynyň ahyryna dürli sebäplere görä daşary ýurt puluna öwürilmän 23901 belgili bank hasabynda galan serişdeler, olaryň ilkibaşda geçirilen bank hasabyna (23101, 23103, 23104 we ş.m.) gaýtarylmaga degişlidir. Ýagny, her ýylyň 1-nji ýanwary ýagdaýyna 23901 belgili bank hasabynyň galyndysy 0 (nola) deň bolmalydyr.

92. Hyzmat ediji banklar:

a) maliýe we ykdysadyýet edaralaryna, olaryň bank hasaplary boýunça gündelik bank göçürmelerini;

b) döwlet býujetiniň girdejileriniň hasabyny ýöretmek maksady bilen, girdejiler boýunça 23101 belgili hem-de 23103 belgili bank hasaplary boýunça bank göçürmelerini degişli salgyt edaralaryna berýärler.

93. Merkezleşdirilen we ýerli býujetleriň girdejileri gündelik hasaplanylanda, maksatlaýyn maliýeleşdirmeler boýunça girdejiler, artyk tölenen salgytlaryň, ýygymlaryň we beýleki tölegleriň yzyna gaýtarylmagy aýratynlykda hasaba alynmaga degişlidir. Ýagny, her bir bank hasaby boýunça bir günüň arassa girdejileri aýratynlykda görkezilmelidir.

94. Merkezleşdirilen we ýerli býujetleriň çykdajylary gündelik hasaplanylanda, maksatlaýyn maliýeleşdirmeler boýunça çykdajylar, dürli sebäplere görä hasabat maliýe ýylynda artyk geçirilen serişdeleriň (iş sapary we ş.m.) yzyna gaýtarylmagy aýratynlykda hasaba alynmaga degişlidir. Ýagny, her bir bank hasaby boýunça bir günüň arassa çykdajylary aýratynlykda görkezilmelidir. Geçen maliýe ýylynda artyk geçirilen serişdeleriň (iş sapary we ş.m.) yzyna gaýtarylmagy hasabat maliýe ýylynyň girdejilerinde hasaba alynmalydyr.

95. Merkezleşdirilen we ýerli býujetleriň gündelik girdejileri we çykdajylary boýunça maglumatlar hyzmat ediji bank, salgyt edarasy we Bölümler tarapyndan jemlenenden soňra özara deňeşdirilmelidir.

96. Deňeşdirilen maglumatlaryň gabat gelendigine göz ýetirilenden soňra hyzmat ediji banklar tarapyndan Türkmenistanyň Merkezi bankynyň degişli welaýat şahamçalaryna, etrap salgyt bölümleri hem-de Bölümler tarapyndan degişlilikde welaýatlaryň, Aşgabat, Arkadag şäherleriniň salgyt bölümlerine hem-de Müdirliklere bellenen tertipde berilmäge degişlidir.

97. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň welaýat şahamçalary tarapyndan, Aşgabat we Arkadag şäherlerinde bolsa Türkmenistanyň “Türkmenistan” döwlet täjirçilik banky tarapyndan welaýat (şäher) boýunça Döwlet býujetiniň girdejileri we çykdajylary barada hasabat (şu Tertibe – 13-nji goşundy) hem-de maliýe we ykdysadyýet edaralarynyň bank hasaplarynyň galyndylary barada hasabat (şu Tertibe – 14-nji goşundy) jemlenenden soňra degişli Müdirlige berilýär.

98. Welaýat (şäher) boýunça jemlenen görkezijileriň gabat gelýändigine göz ýetirilenden soňra Döwlet býujetiniň girdejileri we çykdajylary barada hasabat hem-de maliýe we ykdysadyýet edaralarynyň bank hasaplarynyň galyndylary barada hasabat Türkmenistanyň Merkezi bankynyň welaýat şahamçalary, Aşgabat we Arkadag şäherlerinde Türkmenistanyň “Türkmenistan” döwlet täjirçilik banky tarapyndan Türkmenistanyň Merkezi bankyna berilýär. Müdirlikler tarapyndan welaýat boýunça bellenen tertipde jemlenen hasabat Ministrlige içki korporatiw elektron resminama dolanşyk tory arkaly iberilýär.

99. Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan welaýatlar boýunça Döwlet býujetiniň girdejileri we çykdajylary barada hasabat jemlenenden soňra Ministrlige berilýär. Bu hasabatyň görkezijileri Müdirlikler tarapyndan berlen hasabatlar bilen deňeşdirilenden soňra Ministrlik tarapyndan bellenen tertipde ýurdumyz boýunça jemlenen gündelik hasabat Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine sanly ulgam arkaly iberilýär.

100. Maliýe ýylynyň her aýynyň 1-i ýagdaýyna Gazna bölümi tarapyndan çykdajylary hasaba almak boýunça kompýuter programmasynda alnyp barylýan merkezleşdirilen we ýerli býujetleriň çykdajylarynyň toparlary boýunça aýratynlykda hasabat, maglumatlar binýadyny içki korporatiw elektron resminama dolanşyk tory arkaly geçirip, bir kompýuter programmasynda jemlemek bilen düzülýär.

101. Munuň üçin etraplaryň maliýe we ykdysadyýet bölümleri tarapyndan iberilen maglumatlar binýady ilki bilen welaýatlaryň maliýe we ykdysadyýet müdirliklerinde jemlenýär. Soňra welaýatlaryň maliýe we ykdysadyýet müdirlikleri tarapyndan içki korporatiw elektron resminama dolanşyk tory arkaly geçirlen maglumatlar binýady Gazna müdirliginde jemlenip, hasabat döwründe merkezleşdirilen we ýerli býujetleriň toparlar boýunça çykdajylary barada maglumat hem-de Salgyt müdiriýeti tarapyndan hasabat döwründe Döwlet býujetine gelip gowşan girdejileriň görnüşleri we welaýatlar boýunça jemlenen maglumat Döwlet býujeti müdirligine berilýär.

102. Döwlet býujeti müdirligi tarapyndan hasabat döwründe girdejileriň görnüşleri we çykdajylaryň toparlar boýunça takyklanan meýilnamasyny doldurylýar hem-de maglumatlar Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine we Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetine berilýär.

103. Her hasabat döwrüniň ahyryna (I çärýek, ýarym ýyl, 9 aý, ýyl):

a) merkezleşdirilen býujetden sarp ediji Merkezleşdirilen býujetden harçlanan serişdeler barada güwänama (şu Tertibe – 15-nji goşundy);

b) ýerli býujetden sarp ediji Ýerli býujetden harçlanan serişdeler barada güwänama (şu Tertibe – 16-njy goşundy) düzýärler we degişli maliýe we ykdysadyýet edarasyna berýärler.

104. Güwänamalaryň asyl nusgalarynyň sany býujetden sarp edijiniň maliýeleşdirilýän maliýe we ykdysadyýet edarasyna baglylykda aşakdaky möçberlerde bolmalydyr:

a) etrap we etrap hukukly şäherleriň Maliýe we ykdysadyýet bölümlerinde maliýeleşdirilýän býujetden sarp edijiler bäş asyl nusgada;

b) Müdirliklerde maliýeleşdirilýän býujetden sarp edijiler dört asyl nusgada;

ç) Ministrlikde maliýeleşdirilýän ýokary guramasy bar bolan býujetden sarp edijiler üç asyl nusgada, ýokary guramasy bolmadyk býujetden sarp edijiler iki asyl nusgada düzýärler.

105. Güwänamanyň görkezijileri dogry bolan halatynda, oňa degişli maliýe we ykdysadyýet edarasynyň degişli hünärmenleri tarapyndan gol çekilýär we möhürlenýär hem-de iki asyl nusgasy býujetden sarp edijilere berilýär (ýokary guramasy bolmadyklara bir asyl nusgasy), tersine bolan halatynda düzetmek üçin býujetden sarp edijä gaýtarylyp berilýär.

106. Her bir býujetden sarp ediji alyp barýan işiniň ugurlarynyň köpdürlidigine garamazdan ýeke-täk güwänamany düzýär.

107. Güwänamalaryň görkezijileri her hasabat döwründe degişli Maliýe we ykdysadyýet müdirliklerinde we Ministrlikde programma üpjünçiliginiň görkezijileri bilen deňeşdirilýär.

108. Maliýe ýylynyň jemi boýunça Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişi barada maglumat hasabat maliýe ýylyndan soňra gelýän ýylyň 30-njy apreline çenli Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine iberilýär.

## XI bap. Beýleki çykdajy maddalary boýunça serişdeleri peýdalanmak

109. Karz edaralary tarapyndan býujetden maliýeleşdirilýän gurluşyklar we desgalar boýunça taslama-çykdajy sanaw resminamasy, Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň Baş döwlet seljeriş müdirliginiň oňyn netijenamasy, buýrujylar tarapyndan berilýän potrat şertnamalary bar bolanda, Ministrlik tarapyndan tassyklanan jikme-jik sanawyň esasynda maliýeleşdirilýär, gurluşykda we düýpli abatlaýyşda maliýe, töleg, taslama çykdajy sanaw düzgün-nyzamynyň berjaý edilişine gözegçilik edilýär.

110. Gidrotehniki desgalary (hojalygara suwaryş we şor suw akabalary, gaçylary we beýleki) arassalamak we abatlamak boýunça ýerine ýetirilen mehanizirlenen işleri kabul etmek baradaky güwänama geçirilen işleriň we olar tamamlanandan soň gurallar arkaly geçirilen ölçegleriň esasynda düzülýär.

111. Gurallar arkaly geçirilen ölçegleriň we ýerine ýetirilen işleriň möçberleriniň güwänamalarda we ulanylýan suw hojalyk desgalarynyň taslama çyzgylarynda görkezilen möçberlerine laýyk gelýändigi maliýeleşdiriji bank tarapyndan barlanýar, barlanan resminamalar bankyň möhüri bilen tassyklanylýar.

112. Karz edaralary döwletiň merkezleşdirilen maýa goýumlary, düýpli abatlaýyş we gündelik çykdajylar boýunça ýerine ýetirilen işleriň gözegçilik ölçeglerini geçirýärler.

113. Döwletiň merkezleşdirilen maýa goýumlaryny, düýpli abatlaýyş işlerini we gündelik çykdajylaryny maliýeleşdirmek boýunça amallara hyzmat etmek üçin Ministrlik bilen karz edaralaryň arasyndaky şertnamalara laýyklykda 1 gözegçilik ölçeg görnüşi boýunça hasabatyň berlen gününden soň 5 (bäş) iş gün möhletde işleriň gözegçilik ölçeglerinde kesgitlenen ýokarlandyrylan möçberleriniň 5 (bäş) göterimi möçberinde, özara bergini hasap etmek (karz edaranyň elektrik energiýasy, ýangyç-çalgy ýag materiallary, aragatnaşyk, ulag hyzmatlary üçin bergileri üzmeginiň hasabyna) ýoly bilen, şu desga bölünip berlen serişdeleriň bellenen çäginde geçirilýär.

## XII bap. Býujet görkezijilerini takyklamak

114. Türkmenistanyň Döwlet býujeti tassyklanandan soň bir aý möhletde Ministrligiň Döwlet býujeti müdirligi (mundan beýläk - Döwlet býujeti müdirligi) Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň toparlara bölünişine laýyklykda:

1) býujetiň görnüşini (Merkezleşdirilen/ýerli) görkezmek bilen, esasy salgytlar (ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary boýunça) we beýleki salgyt we salgyt däl girdejiler boýunça we çäklere bölmek bilen (welaýatlara, Aşgabat we Arkadag şäherleri boýunça) býujetiň girdeji böleginiň çärýekleýin paýlanyşyny emele getirýär;

2) Merkezleşdirilen we ýerli býujetlere bölmek bilen, çykdajylaryň wezipeler boýunça we ykdysady toparlanmasy esasynda ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary we karzlary beýleki dolandyryjylar boýunça býujetiň çykdajy böleginiň çärýekleýin paýlanyşyny emele getirýär.

115. Dowam edýän çärýekde Döwlet býujetiniň garaşylýan girdejileri barada seljeriş maglumatyny emele getirmek üçin býujetiň girdeji böleginiň çärýekleýin pul möçberleriniň her aý üçin paýlanmagyna (bölünmegine) ýol berilýär. Seljeriş maglumaty ýylyň başyndan artýan jem boýunça emele getirilýär.

Çärýekleýin pul möçberlerini her aý üçin paýlamak salgytlaryň we beýleki hökmany tölegleriň möçberlerinden (stawka) we tölenmeli möhletlerinden, ýokarda durýan býujet tarapyndan aşakda durýan býujetiň býujet üpjünçiligini deňeçerlemek üçin gönükdirilýän dotasiýalaryň paýlanyşyndan we býujete gelip gowuşmagyna garaşylýan serişdeleriň möçberine täsir edýän beýleki ýagdaýlardan ugur alnyp amala aşyrylýar.

116. Býujetiň girdeji böleginiň çärýekleýin paýlanyşy (mundan beýläk – girdejiler boýunça ýazgy) we çykdajy böleginiň çärýekler boýunça paýlanyşy (mundan beýläk – çykdajylar boýunça ýazgy) Ministrlik tarapyndan tassyklanýar.

117. Döwlet býujeti müdirligi:

1) pudaklaýyn müdirliklere (bölümlere), degişli ministrliklere, pudaklaýyn dolandyryş edaralara we Müdirliklere girdejiler we çykdajylar boýunça tassyklanan ýazgylaryny iberýär;

2) Salgyt müdiriýetine býujetiň görnüşini (merkezleşdirilen/ýerli) görkezmek bilen, esasy salgytlar (ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary boýunça) we beýleki salgyt we salgyt däl girdejiler boýunça býujetiň girdeji bölegini çärýekler boýunça we çäklere bölmek bilen (welaýatlara, Aşgabat we Arkadag şäherleri boýunça) tassyklanan býujetiň görkezijilerini iberýär.

118. Ministrligiň Türkmenistanyň Býujet kodeksine we „Türkmenistanyň býujet sistemasy hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, býujeti ýerine ýetirmegiň barşynda tassyklanan býujetiň girdeji we çykdajy bölekleriniň görkezijilerine üýtgetmeleri girizmäge hukugy bardyr.

119. Çykdajylar boýunça býujete takyklama girizmek, býujetiň tassyklanan görkezijilerini gaýtadan paýlamagyň hasabyna şu ýagdaýlarda amala aşyrylýar:

1) tassyklanan býujetiň ýerine ýetirilýän döwründe güýje girizilýän, býujetiň çykdajy böleginiň çärýekleýin görkezijileriniň üýtgemegine getirýän Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň, häkimleriň, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň kabul edilmegi;

2) öňde durýan döwrüň (döwürleriň) çykdajylaryny artdyrmagyň (azaltmagyň) hasabyna ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň we karzlary beýleki dolandyryjylaryň şu çärýekdäki çykdajylaryny azaltmagy (artdyrmagy) talap edýän hakyky ýagdaýlaryň ýüze çykmagy.

120. Býujete girdejiler boýunça üýtgetme girizmek şu ýagdaýlarda amala aşyrylýar:

1) tassyklanan býujetiň ýerine ýetirilýän döwründe güýje girizilmegi býujetiň girdeji böleginiň tassyklanan görkezijileriniň üýtgemegine getirýän Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň, häkimleriň, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň kabul edilmegi;

2) gelip gowuşmagyna garaşylýan girdejilere seljerme geçirmegiň netijeleri boýunça girdejileriň bellenen meýilnamadan artyk (az) gelip gowuşyna görä tassyklanan ýyllyk pul möçberleriniň çäklerinde öňde durýan döwrüň (döwürleriň) girdejilerini artdyrmagyň (azaltmagyň) hasabyna ministlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, welaýatlaryň, Aşgabat we Arkadag şäherleriniň şu çärýekdäki (çärýegiň bir aýyndaky) girdejilerini azaltmak (artdyrmak) arkaly.

121. Olaryň esasynda býujeti takyklamak, oňa üýtgetme girizmek we býujet serişdelerini sarp etmek üçin karzlary (meýilnamalar) açmak geçirilýän görnüşler doldurylanda Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň toparlara bölünişine gollanylmalydyr.

## Býujetiň girdeji bölegini takyklamak

122. Býujetiň girdeji bölegine takyklama girizmek Býujetiň girdejileriniň görkezijilerini üýtgetmek hakynda kepilnama (şu Tertibe – 17-nji goşundy) we Ýerli býujetiň girdejileriň gelip gowuşmagynyň meýilnamasyny üýtgetmek barada kepilnama (şu Tertibe – 18-nji goşundy) boýunça geçirilýär.

123. Salgytlar we býujete beýleki tölegler boýunça ähli üýtgetmeler welaýatlar, Aşgabat we Arkadag şäherleri boýunça paýlamak bilen, ýylyň başyndan artýan jem bilen çärýekleriň aýlary boýunça berilýär.

124. Girdejiler bölegini takyklamak üçin Döwlet býujeti müdirligi tarapyndan esasy salgytlaryň her bir görnüşi (ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary boýunça) we beýleki salgyt we salgyt däl girdejiler boýunça jemi möçberde (kontingent) Býujetiň girdejileriniň görkezijilerini üýtgetmek hakynda kepilnama üç nusgada düzülýär. Onuň bir nusgasy Müdirliklere, ikinji nusgasy Salgyt müdiriýetine iberilýär, üçünji nusgasy bolsa Döwlet býujeti müdirliginde galdyrylýar.

125. Ýerli býujetiň girdeji bölegine üýtgetme girizilende Döwlet býujeti müdirligi tarapyndan esasy salgytlaryň we beýleki salgyt we salgyt däl girdejileriň her bir görnüşi boýunça üýtgetmeleriň degişli hasaplamalarynyň esasynda welaýatyň (Aşgabat we Arkadag şäherleriniň) ýerli býujetine geçirilýän möçberleriniň üýtgemeleri görkezilýän Ýerli býujetiň girdejileriň gelip gowuşmagynyň meýilnamasyny üýtgetmek barada kepilnama iki nusgada düzülýär. Onuň bir nusgasy Müdirliklere iberilýär, ikinji nusgasy bolsa Döwlet býujeti müdirliginde galdyrylýar.

## Býujetiň çykdajy bölegini takyklamak

126. Döwlet býujetiniň çykdajy bölegi boýunça býujete takyklama girizmek merkezleşdirilen býujet boýunça aýratynlykda we ýerli býujet boýunça aýratynlykda geçirilýär.

127. Býujete takyklama girizmek çykdajylaryň wezipeler boýunça toparlara bölünişiniň we ykdysady toparlara bölünişiniň maddalarynyň (kiçi maddalarynyň) arasynda, şeýle hem dürli çärýekleriň arasynda Ministrlik bilen ylalaşylyp amala aşyrylýar:

1) merkezleşdirilen býujet boýunça çykdajylar meýilnamasyna üýtgetmeleri girizmek üçin pudaklaýyn müdirlikler (bölümler) tarapyndan Merkezleşdirilen býujet boýunça çykdajylar meýilnamasyny üýtgetmek barada kepilnama (şu Tertibe – 19-njy goşundy) doldurylýar we Döwlet býujeti müdirligine berilýär;

2) ýerli býujet boýunça çykdajylar meýilnamasyna üýtgetmeleri girizmek üçin pudaklaýyn müdirlikler (bölümler) tarapyndan Ýerli býujet boýunça çykdajylar meýilnamasyny üýtgetmek barada kepilnama (şu Tertibe – 20-nji goşundy) doldurylýar we Döwlet býujeti müdirligine berilýär.

128. Üýtgetmeler girizilenden soňra kepilnamalaryň nusgasy pudaklaýyn müdirliklere (bölümlere), ministrliklere, pudaklaýyn dolandyryş edaralara, Müdirliklere, Gazna bölümine iberilýär.

129. Görkezilen kepilnama pudaklaýyn müdirlikleri (bölümleri) tarapyndan karzlary paýlaýjynyň ýazmaça ýüz tutmasynyň esasynda wezipeleýin we ykdysady toparlanma bölmek bilen we býujetiň gaýtadan paýlanýan görkezijileri görkezmek bilen düzülýär. Karzlary paýlaýjy hatyň ýanyna degişli hasaplamalary we üýtgetmeler üçin esas bolup durýan resminamalaryň nusgalaryny goşýar.

130. Býujetlere takyklama girizmek şulary hasaba almak bilen amala aşyrylýar:

1) çykdajylaryň ykdysady toparlanmasynyň maddalary (kiçi maddalary) boýunça meýilnamalaýyn pul möçberlerini azaltmak meýilnamalaýyn serişdeleriň peýdalanylmadyk galyndylaryň möçberinde geçirilýär;

2) bir wezipeleýin toparyň içinde çykdajylaryň ykdysady toparlanmasynyň bir maddalary (kiçi maddalary) boýunça meýilnamalaýyn pul möçberlerini azaltmagyň (artdyrmagyň) hasabyna beýleki maddalar (kiçi maddalar) boýunça meýilnamalaýyn pul möçberlerini artdyrmak (azaltmak) ýyllyk pul möçberiniň çäklerinde amala aşyrylýar;

3) serişdeleri wezipeleýin toparlaryň arasynda gaýtadan paýlamak karzlary paýlaýjy boýunça ýyllyk pul möçberiniň çäklerinde geçirilýär.

131. Takyklama pudaklaýyn müdirliginiň (bölüminiň) ýolbaşçylary tarapyndan gol çekilen Merkezleşdirilen býujet boýunça çykdajylar meýilnamasyny üýtgetmek barada kepilnamanyň esasynda geçirilýär. Pudaklaýyn müdirliginde (bölüminde) geçirilen takyklamadan soň kepilnamanyň ähli nusgalary Döwlet býujeti müdirligine berilýär.

132. Kepilnamalara Döwlet býujeti müdirliginiň ýolbaşçylary tarapyndan gol çekilýär hem-de ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary we karzlary beýleki paýlaýjylar boýunça Merkezleşdirilen we ýerli býujetiň çykdajylar boýunça görkezijilerine takyklama girizilýär. Kepilnamalar Gazna müdirliginde (bölüminde) hasaba alynandan soňra, olaryň bir nusgasy Gazna müdirliginde galýar, beýleki nusgalar pudaklaýyn müdirligine (bölümine) gaýtarylýar. Pudaklaýyn müdirlikler (bölümler) kepilnamanyň bir nusgasyny karzlary paýlaýja beýleki nusgasyny Döwlet býujeti müdirligine ýetirýär.

133. Çykdajylaryň ykdysady toparlara bölünişiniň bir maddasynyň çäklerinde bir kiçi maddadan beýleki kiçi madda takyklama ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň we karzlary beýleki paýlaýjylaryň habar bermegi esasynda kepilnamasyz geçirilýär. Muňa “Azyk önümleri” – 1132, “Dermanlar we sargy serişdeleri” – 1133, “Enjamlar we esbaplar” – 1134, “Ýumşak esbaplar we egin-eşikler” – 1135, “Düýpli çykdajylar” - 2000 maddalar girmeýär.

134. Çykdajylaryň ykdysady toparlara bölünişiniň 1110 maddasyndan “Göwrelilik we çaga dogurmak boýunça kömek puly” – 1331, “Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça döwlet kömek puly” – 1333, “62 ýaşa ýeten raýatlara berilýän pul sowgatlary”– 1334, “8-nji martda bellenilýän Halkara zenanlar güni mynasybetli Türkmenistanyň Prezidentiniň adyndan berilýän pul sowgatlary” – 1337, “Ilata beýleki geçirmeler” – 1338 maddalara takyklama ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralaryň we karzlary beýleki paýlaýjylaryň habar bermegi esasynda kepilnamaly geçirilýär.

135. Döwlet býujeti müdirligi, pudak müdirligi (bölümi) we Gazna müdirligi (bölümi) çykdajylaryň wezipeleýin we ykdysady toparlanmasyna bölmek bilen, her bir ministrlik, pudaklaýyn dolandyryş edarasy we karzlary paýlaýjy boýunça takyklanan görkezijileri alyp barýarlar.

136. Her çärýegiň jemi boýunça hasabat döwründen soňky aýyň 5-inden gijä galman, ähli pudak müdirlikler (bölümler) ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary we karzlary beýleki paýlaýjylar boýunça takyklanan görkezijileri Döwlet býujeti müdirligi we Gazna müdirligi (bölümi) bilen deňeşdirmegi geçirýär.

## Býujetara gatnaşyklar

137. Ýerli býujetiň girdeji we çykdajy bölegi boýunça býujete üýtgetme girizmek Özara hasaplaşyklar boýunça habarnamanyň (şu Tertibe - 21-nji goşundy) esasynda amala aşyrylýar. Habarnamada üýtgetmeleri geçirmegiň esaslary görkezilmelidir.

138. Ýerli býujetiň girdejileri kemeldilen ýa-da çykdajylary köpeldilen ýagdaýynda ýokary gurama tarapyndan öwezi dolunýar, tersine bolan ýagdaýynda ýokary gurama geçirilýär. Bu görkezilen ýagdaý özara hasaplaşyk arkaly merkezleşdirilen býujet bilen ýerli býujetiň arasynda geçirilýär.

139. Özara hasaplaşyklar boýunça habarnama dört nusgada düzülýär we oňa Döwlet býujeti müdirliginiň we pudaklaýyn müdirliginiň (bölüminiň) ýolbaşçylary tarapyndan gol çekilýär.

140. Takyklama geçirilenden soňra habarnamanyň birinji nusgasy degişli Müdirlige, ikinji nusgasy pudaklaýyn müdirligine (bölümine), üçünji nusgasy Gazna bölümine ýetirilýär, dördünjisi Döwlet býujeti müdirliginde galýar. Her aýyň 1-i ýagdaýyna Döwlet býujeti müdirligi takyklanan görkezijileri Müdirlikler, pudaklaýyn müdirlikler (bölümler) hem-de Gazna bölümi bilen özara hasaplaşyklary deňeşdirmegi geçirýär.

141. Ýerli býujetiň girdeji bölegine üýtgetme girizilende habarnamanyň ýanyna girdejiniň her bir görnüşine aýdyňlaşdyrma görkezilýär.

## XIII bap. Jemleýji düzgünler

142. Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň sarp etmegiň esaslandyrylyşyna, töleg resminamalaryň dogry we dürs resmileşdirilişine hem-de serişdeleriň maksadalaýyk, tygşytly ulanylyşyna býujetden sarp edijileriň ýolbaşçylary gözegçilik edýärler we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda şahsy jogapkärçilik çekýärler.

143. Maliýe we ykdysadyýet edaralary býujetden sarp edijiler tarapyndan tölege hödürlenen resminamalaryň dogry resmileşdirilişine gözegçilik edýärler.

144. Döwlet býujetiniň serişdeleriniň gelip gowuşmagyna görä býujetden sarp edijileriň tölegleri geçirmegiň nobatlylygy Ministrlik tarapyndan kesgitlenýär.

145. Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasaplaşyk hasaplaryna hyzmat edýän banklar onuň hasabyna gelip gowuşýan we sarp edilýän serişdeleriň öz wagtynda hasaplarda görkezilmegini we ol hasaplar boýunça gündelik hasabaty degişli maliýe we ykdysadyýet edaralaryna berýärler.

146. Türkmenistanyň Merkezi banky Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasaplaşyk hasaplarynyň galyndysy we olaryň hereketi barada

gündelik hasabaty (şu Tertibe 13-nji, 14-nji goşundylar) Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine berýär.

147. Şu Tertipde hasabatlylyk babatynda bellenilen çäreleriň dogry we wagtynda ýerine ýetirilmegine degişli maliýe we ykdysadyýet edaralary hem-de degişli karz edaralary jogapkärçilik çekýärler.